Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna
на 1 сентября 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание

## SELJERIŞ MAKALALARY


KÄMIL PUL-KARZ SYÝASATY — ÖSÜŞLERIŇ GÖZBAŞY
3

BANK ULGAMY — HALKYŇ HYZMATYNDA
6

MILLI BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞINDE SALGYT GATNAŞYKLARYNYŇ ORNY
8

BANKLARDA INNOWASION TEHNOLOGIÝALARY ORNAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI
12


## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ


TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
15

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
17

# KÄMIL PUL-KARZ SYÝASATY — ÖSÜŞLERIŇ GÖZBAŞY

Döwletleriň ykdysady ösüşini üpjün edýän gurallaryň birnäçe görnüşi bar. Şolaryň biri hem kämil derejede işledilýän pul-karz syýasatydyr. Bu ýörelgä biziň döwletimizde hem berk eýerilip, ýurdumyzyň banklary tarapyndan edara-kärhanalara we ilata edilýän hyzmatlaryň gerimi giňeldilýär, berilýän karzlaryň möçberleri yzygiderli artdyrylýar, möhleti uzaldylýar. Şeýlelikde, kärhanalaryň maliýe mümkinçilikleri ýokarlanýar, göz öňünde tutulan maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär, önümçiligi düşewüntli dolandyrmaga zerur bolan amatly şertler döredilýär.

Şahsy hojalykda ýa-da kärhanada bolsun, tapawudy ýok, ykdysady taýdan ösüş gazanmak üçin maddy goldaw zerur bolup durýar. Bu goldawy bolsa ildeşlerimiz ýurdumyzda hereket edýän karz edaralaryndan ýeňillikli şertlerde alyp bilýärler.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahsy taraplara sarp ediş, ipoteka, kiçi göwrümli, haly satyn almak maksatlaryna, «Owerdraft», talyplaryň okuw tölegi üçin, durmuş guran ýaş çatynjalar üçin, hususy telekeçilere çig mal satyn almak, maýa goýum taslamasy, oba hojalyk önümleriniň önümçiligi, ekerançylygy, maldarçylygy ösdürmek maksatly, milli programma önümlerini döretmek we öndürmek, olary satyn almak hem-de ulanyşa girizmek, ýuridiki taraplar üçin önümçilik maksatly we milli programmalar bilen bagly ýeňillikli karz hyzmatlaryny berýändigini ýatladyp, bu hyzmatlaryň milli ykdysadyýetimizdäki ornuna aýratyn ünsüňizi çekmek isleýäris.

Bank ulgamy tarapyndan ykdysadyýetiň pudaklaryna, şol sanda döwlete dahylsyz bölege berilýän karzlar olara ýeterlik möçberde dolanyşyk serişdelerini almaga, önümçilik maksatly işleri çaltlandyrmaga, öňdebaryjy tehnikalary we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmaga, ýokary ykdysady netijeliligi gazanmaga, durnukly ösüşe saldamly goşant goşmaga mümkinçilik berýär. Raýatlara ýeňillikli şertlerde berilýän karzlar olaryň harytlara, hyzmatlara ösen isleglerini kanagatlandyrmaga, has oňaýly ýaşaýyş jaýlaryny satyn almaga amatly şertleri döredýär. Berkarar döwletimizde kämil karz syýasatyny alyp barmakda «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» aýratyn ähmiýete eýedir.

Ýokarda mysal getirilen karz hyzmatlarynyň her biri uzak wagtlyk oýlanyşmalaryň, pikir alyşmalaryň miwesidir. Her bir karz hyzmaty ýola goýulmakçy bolnanda, ilkinji nobatda, müşderilerimiziň bähbidi göz öňünde tutulýar. Munuň üçin olaryň zerurlyklary içgin öwrenilýär. Şol bir wagtyň özünde-de kämil derejede ýola goýlan pul-karz syýasaty bankyň öz işini döwrüň talaplaryna laýyk alyp barmagyny, şeýlelikde, kämil pul dolandyşygynyň ýola goýulmagyny üpjün edýär. Bu dolanyşygyň netijesinde raýatlarymyza-da, karz edaralarynyň gaznalaryna-da pul serişdeleri wagtly-wagtynda we ýeterlik möçberde gelip, milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşi üpjün edilýär.

Karz edaralary bilen hyzmatdaşlyk ildeşlerimiz üçin karz serişdesiniň hasabyna galkynmagyň iň ygtybarly, ýeňil we bähbitli ýoludyr. Üns berýän bolsaňyz, döwletli diýarymyzyň karz edaralary hödürleýän karz hyzmatlarynyň ählisinde-de öz müşderilerine aňryçäk ýeňillikleri göz öňünde tutýarlar. Karz hyzmatlary üçin bellenilen göterimleri has ýeňilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler yzygiderli dowam etdirilýär. Bu bolsa ildeşlerimiziň hödürlenilýän hyzmatlara bolan gyzyklanmasyny barha artdyrýar. Pul-karz syýasatynyň esasy maksady hem ýurduň ykdysadyýetini zerur bolan möçberde pul-karz serişdeleri bilen üpjün etmekden we olaryň maksadalaýyk, ýokary netijeli ulanylmagyny gazanmakdan ybarat-

dyr. Pul-karz syýasatynyň esasy maksady döwlet, hususy we beýleki eýeçilikdäki taraplaryň telekeçilik we önümçilik bähbitli maksatnamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirmegine, maşgala ojaklarynyň ykdysady taýdan pugtalanmagyna, bilim-ylym ugrundaky maksatlaryň barha rowaçlanmagyna gönükdirilendir. Munuň özi ýurdumyzyň maliýe kuwwatyny artdyrmaga, ýokary ykdysady ösüşi üpjün etmäge, milli manadyň hümmetini has-da pugtalandyrmaga, halkymyzyň eşretli zamananyň hözirini görüp ýaşamagyna kuwwatly itergi berýär.







Milli ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna tapgyrlaýyn geçirilýän döwründe banklaryň karz gatnaşyklarynyň gerimi has-da giňeýär we täze görnüşleri peýda bolýar. Olaryň arasynda şahsy hojalygyny ýöredýän müşderilere goldaw bermek maksady bilen, kiçi göwrümli karz hyzmatlarynyň ýola goýulmagy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Kiçi göwrümli karzlar mellek ýeri, kömekçi hojalygy ýa-da bellenilen tertipde bölünip berlen ýer bölegi bar bolan raýatlara 30 müň manada çenli ýyllyk 10 göterimine, 6 aý ýeňillikli döwür bilen, 3 ýyla çenli möhlete berilýär. Karzyň üpjünçiligi hökmünde tölege ukyply üçünji tarapyň zamunlygy ýa-da girew emlägi kabul edilýär. Bu karzlaryň berilmegi ýurdumyzyň welaýatlarynyň oba ýerlerindäki kiçi önümçilikleriniň ýa-da önüm öndürijileriň ýerli çig mallar bilen üpjün edilmegine amatly şertleri döredýär.





Ýurdumyzda düýpli ykdysady, syýasy we medeni özgertmeleriň barşynda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň ösdürilmegi aýratyn üns merkezinde saklanylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda öndürilýän önümleriň ep-esli bölegi döwlete degişli bolmadyk kärhanalarda, telekeçileriň zähmeti bilen öndürilýär. Harytlary we önümleri öndürmek, işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmek arkaly telekeçilik işini amala aşyrýan hususy kärhanalaryň we telekeçileriň önümçiligi ösdürmek we täze iş orunlaryny döretmek maksady bilen bagly bolan maýa goýum taslamalary üçin uzak möhletleýin ýeňillikli karzlary bermeklik barada Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda hususy telekeçilik işini maliýeleşdirmegiň meseleleri hakynda» Kararyny durmuşa ornaşdyrmakda we karz edaralary tarapyndan döwlete dahylsyz pudagy karzlaşdyrmakda, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan degişli işler yzygiderli alnyp barylýar. Welaýatlarymyzda hususy telekeçileriň maýa goýum taslamalaryny goldamak esasynda, olara bank karzlarynyň berilmegi, ykdysadyýetimiziň ösüşiniň ýokary depginlerini, haryt bolçulygyny we täze iş ýerleriniň döredilmegini üpjün etmek bilen halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da ýokarlanmagyna getirýär.

Soňky ýyllarda banklar tarapyndan ýurdumyzyň raýatlaryna karzyň täze görnüşleri hödürlenýär. Olardan ähli görnüşli toý dabaralaryny geçirmek maksadyna berilýän «Toý karzyny», «Talyp karzyny», haly satyn almak maksatlaryna berilýän karzy, has uly ýeňillikli ýaş maşgalalar üçin, sarp ediş we kiçi göwrümli karzlary görkezmek bolar. Tölegli esasda bilim alýan talyplaryň okuw üçin tölegleriniň, banka barmazdan, internetiň üsti bilen geçirilmegi,

şeýle-de karzlaryň dürli görnüşlerini almak üçin resminamalaryň bankyň www.halkbank.gov.tm resmi internet sahypasynda «Şahsy otagy» döredip, onlaýn-ýüzlenme arkaly ýollanmagy müşderileriň wagtyny ep-esli tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Täze ýola goýulýan döwrebap hyzmatlar nagt däl hasaplaşyklaryň möçberini artdyrmakda hem uly goşant goşýarlar.

Ýurdumyzyň banklary tarapyndan karz gatnaşyklaryny kämilleşdirmek bilen bagly geçirilýän çäreleriň ählisi kärhanalaryň we raýatlaryň karz serişdelerine isleglerini öz wagtynda, doly derejede kanagatlandyrmaga, durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, ilatyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi özgertmek boýunça öňe sürülen başlangyçlaryň çäklerinde amala asyrylýan maliýe reformalary – bank ulgamynyň berk binýadyny döretmäge we ýurtda ykdysady durnuklylygy berkitmek arkaly, türkmen ykdysadyýetiniň mundan beýläk hem gülläp ösüşine uly ýardam berer.

Döwlet Baştutanymyzyň parasatly ýörelgelerinden ugur alýan mähriban halkymyza «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynda hem üstünlikler arzuw edýäris. Bize şeýle ajap zamanany gurup beren türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan beýik işleri elmydama rowaç alsyn!

**Mährijemal ABDYRAHMANOWA,**
Türkmenistanyň «Halkbank» PTB-niň
Maliýe ykdysady seljeriş we usulyýet müdirliginiň
Usulyýet bölüminiň başlygy

# SELJERIŞ MAKALALARY

## BANK ULGAMY - HALKYŇ HYZMATYNDA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda bank ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär, ulgama dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň iş tejribesini we täzeçil usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly ulgamda hödürlenilýän bank amallarynyň sany yzygiderli artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar.

Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan ýurdumyzyň ilatyna döwrebap, kämil derejede hyzmat etmek, geçirilýän hasaplaşyklary tizleşdirmek, nagt pul dolanyşygynyň mukdaryny ep-esli azaltmak maksady bilen dürli görnüşli bank kartlaryny çykarmak we oňa hyzmat etmek, ýurdumyzyň söwda we hyzmat ediş nokatlarynda töleg terminallaryny ornaşdyrmak işine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar.





Sanly ulgamda «Internet bank», «Mobil bank», «Elektron söwda», «Galtaşyksyz töleg», «Halkbank terminal», «QR-kod» ulgamlary arkaly ýerine ýetirilýän amallaryň sany artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýylynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ýaşlar baradaky döwlet syýasatyna laýyklykda, ata Watanymyzyň gelejegi bolan ýaşlarymyzy kämil hünärmenler, halkymyza, ýurdumyza gerekli kämil şahsyýetler edip ýetişdirmekde giň mümkinçilikler döredilýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde ýurdumyzda ýaş maşgalalaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowlandyrmak üçin ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin 3 (üç) ýyl möhletli ýyllyk 1(bir) göterim bilen 20 000 (ýigrimi müň) manada çenli karzlary bermeklik ýola goýuldy. Bu karz diňe durmuş guran ýaş maşgalalara niýetlenip hojalyk harytlaryny satyn almak üçin karzlar girew goýmazdan, üçünji taraplaryň zamun bolmagynda berilýär.

Türkmenistanyň raýaty bolan ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara degişli okuwyň bahasyny tölemek üçin gaýtadan dikeldilýän karz ugry boýunça karzlar berilýär. Bu karzlar talyplaryň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan döwrüne açylýar. Karz ugry boýunça serişdeler nagt däl görnüşinde her ýarymýyllyk ýa-da ýyllyk okuw tölegleri üçin zerur bolan möçberde tapgyrlaýyn görnüşinde berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» hem-de «Türkmenistanda 2021-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, ulgama daşary ýurt banklarynyň iş tejribesini işjeň ornaşdyrmak, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşini artdyrmak, hilini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreler durmuşa geçirilýär.

Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Galtaşyksyz töleg», «Halkbank terminal», «QR-kod» ulgamlary arkaly ýerine ýetirilýän amallaryň sany artdyrylýar, hili has-da ýokarlan-

dyrylýar. Bank ulgamynda sanly tehnologiýalaryň ösmegi, kompýuter serişdeleriniň ornaşdyrylmagy, pul dolanyşygynda serişdeleriniň aýlanyş tizliginiň ýokarlanmagy hem-de hasaplaşyklary geçirmekde çykdajylaryň azalmagy tölegleriň we hasaplaşyklaryň öňdebaryjy usullarynyň kämilleşdirilmegine mümkinçilik berýär. Bu bolsa, bank hyzmatlaryny menzilara ýerine ýetirmek üçin niýetlenen iň kämil ösen tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny talap edýär hem-de sanlylaşdyrmanyň biziň durmuşymyza barha işjeň goşulyşýandygy bilen düşündirilýär.

Şu nukdaýnazardan, Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmek, karz edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, şu ýylyň iýun aýynda sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylyşyň çäginde ýurdumyzyň täjirçilik banklarynyň hem edara binalary açylyp ulanylmaga berildi. Arkadag şäher ykdysady we maliýe pudaklarynyň edaralary bilen bir hatarda Arkadag şäheriniň Merkezi banky, Arkadag şäheriniň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky, Arkadag şäheriniň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky täze şäheriň bank ulgamyny emele getirýär.

Sanly ykdysadyýetiň üstünlikli hereket etmegi üçin, esasan, internetiň elýeterliligi, programma üpjünçiligi, kämil telearagatnaşyk ýaly üpjünçilik ulgamynyň, hojalyk işini internet arkaly dolandyrmak boýunça elektron işewürliginiň we harytlaryň, hyzmatlaryň ýerlenilmegini üpjün edýän elektron söwda ýaly ugurlaryň berjaý edilmegi zerur bolup durýar. Elektron enjamlaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýän hyzmatlar ulgamy sanly kompýuter tehnologiýalary bilen bagly hereket bolup durýar. Ony özleşdirmek hem öwrenmek, dolandyrmak işi bu tehnologiýalara çemeleşmegiň syrlaryny ele almagy talap edýär. Ýokary derejede ösen telekommunikasiýa hem-de IT hyzmatlaryny hödürlemek, maglumatlary geçirmegiň tizligini artdyrmak üçin ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýatlarynda optiki-süýümli kabelleri çekmek göz öňünde tutuldy. Bu taslama pudagara maglumatlaryň alşylmagyny gowulandyrmaga, elektron hyzmatlarynyň täze görnüşlerini ornaşdyrmaga mümkinçilik berýär. Tehnologik başlangyçlary we ylmy çözgütleri kabul etmäge şertler döredilýär, maglumatlaryň goraglylygy we howpsuzlygy gazanylýar.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn.

**Gülsere AHMEDOWA,**
Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär
okuw mekdebiniň mugallymy

# SELJERIŞ MAKALALARY

## MILLI BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞINDE SALGYT GATNAŞYKLARYNYŇ ORNY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizi, ýokary derejede ösdürmeklige, milli manadymyzyň hümmetini has-da pugtalandyrmak bilen bank ulgamyny ösdürmeklige, şeýle hem ýurtda hereket edýän salgyt gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegine uly üns berilýär.

Häzirki döwürde salgyt ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmek, ony ýokary derejelere ýetirmek üçin ykdysadyýetiň ähli pudaklary bilen bir hatarda ýurdumyzyň karz edaralarynyň işiniň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça anyk çäreler durmuşa geçirilýär. Bu çäreleriň arasynda ýurdumyzyň bank ulgamyna bank innowasiýalaryny ornaşdyrmak, ulgamyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak, bilim derejesini dünýäniň ösen ýurtlarynyň hataryna çykarmak ugrunda alnyp barylýan giň möçberli işleri görkezmek bolar. Şonuň esasynda, häzirki wagtda bank ulgamynyň hünärmenleri üçin daşary ýurtlaryň abraýly banklarynyň we maliýe edaralarynyň tejribeli bilermenleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly okuw maslahatlary geçirilýär. Bu bolsa, döwrebap özgertmeleri durmuşa geçirmekde özüniň oňyn netijesini berýär. Şeýle hem, ýurdumyz maliýe we söwda ulgamlarynda halkara hyzmatdaşlygyna doly derejede goşulmaga tarap strategik ugur alýar. Munuň üçin dünýäniň ýöriteleşdirilen iri düzümleri bolan Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Bütindünýä söwda guramasy ýaly sebit maliýe institutlary bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyk has-da işjeňleşdirilýär.








«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda karz edaralarynyň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny ýokarlandyrmak, banklaryň serişdeler binýadyny artdyrmak, banklarda elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek üçin zerur bolan tehniki we programma üpjünçiliklerini ornaşdyrmak boýunça möhüm wezipeler durmuşa geçirilýär. Şunda, maliýe hyzmatlarynyň täze görnüşlerini ornaşdyrmagyň dürli usullaryny ösdürmek ugrunda degişli işleriň geçirilmegi, şol sanda ykjam tehnologiýalaryň üsti bilen bu hyzmatlaryň amala aşyrylmagy, täze tehnologiýalary, ýagny töleg nokatlaryny, şeýle hem ilkibaşda az möçberli tölegleriden başlamak bilen, internet ulgamyny ulanmak esasynda elektron töleg we elektron pullary ulanmak ulgamyny ösdürilmegi, bank kartlary arkaly hödürlenýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrylmagy boýunça degişli işler dowam etdirilýär.

Mundan başga-da, banklaryň hereket edýän tehnologiýalaryny we programma üpjünçiliklerini täzelemek işlerine giň gerim berlip, şahamçalara geçiriş ulgamynyň hilini we tizligini ýokarlandyrmak ýaly işleri durmuşa geçirmeklik maksat edilýär. Bu ugurda ýur-

dumyzyň karz edaralary tarapyndan hyzmatlar bazarynda halkara karz institutlarynyň tejribesiniň öwrenilmegi maksadalaýyk hasaplanylýar. Ýurdumyzyň ösüşiniň häzirki tapgyrynda döwrebap tehnologiýalary we innowasiýalary ulanýan önümçilikleri döretmek, dolandyryşyň has kämil usullaryny ulanmak aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar.

Amala aşyrylýan döwlet pul-karz syýasatynyň çäklerinde 2011–2021-nji ýyllarda ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň karzlaşdyryş göwrümi 17,2 mlrd manatdan 106 mlrd manada çenli ýokarlandy. Bu karz serişdeleri ykdysadyýetimizde täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmäge, ýurduň ykdysady we azyk howpsuzlygynyň aýrylmaz bölekleri bolan oba hojalyk pudaklarynyň we hususy bölegiň ukybyny artdyrmaga gönükdirildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bank ulgamy bilen bilelikde ýurdumyzda daşary ykdysady gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, eksport kuwwatlyklaryny artdyrmak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Bu işleriň sazlaşykly alnyp barylmagy, ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmäge we maýa goýumlarynyň möçberlerini artdyrmaga, täze döwrebap durmuş-önümçilik maksatly desgalary gurmaga, daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan ýerli döwrebap önümçilikleri döretmäge, hususy eýeçiligi giňişleýin ýaýbaňlandyrmaga giň ýol açdy. Muňa mysal edip, 2020-nji ýylda maliýeleşdiriş çeşmeleri boýunça esasy serişdelere goýlan düýpli maýa goýumlaryň 4,6 mlrd manada golaýynyň we 2021-nji ýylda bolsa 5,2 mlrd manadynyň karz serişdeleriň hasabyna üpjün edilendigini ýa-da esasy serişdelere goýlan ähli düýpli maýa goýumlaryň möçberinde karz serişdeleriniň paýynyň 2020-nji ýylda 12,8 göterim, 2021-nji ýylda bolsa 16,4 göterime ýetendigini görkezmek bolar. Berlen san maglumatlar ýurdumyzyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlarda banklaryň berýän karz serişdeleriniň paýynyň ýylsaýyn artýandygyny görkezýär.

Milli bank ulgamynda amala aşyrylýan oňyn özgertmeleriň netijesinde bolsa karz edaralaryň hukuk binýady kämilleşdirilýär, banklara iň kämil tehnologiýalar ornaşdyrylyp, olaryň maddy-enjamlaýyn binýady düýpli täzelenýär. Milli ykdysadyýetimizi maksatnamalaýyn ösdürmeklige gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin bank işjeňligi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda gurnalýar, hususan-da, müşderilere hödürlenýän bank önümleri diwersifikasiýalaşdyrlyp, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, dünýä banklarynyň iş tejribelerine laýyklykda täze hyzmatlary yzygiderli bank işjeňligine girizmek, müşderiler bilen işlemegiň täze usullaryny ýola goýmak boýunça işler üstünlikli dowam etdirilýär.

Milli maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan bank işine sanly ulgamy ornaşdyrmagyň çäklerinde nagt däl hasaplaşyklary hem-de bank kartlarynyň üsti bilen ýurdumyzda ilat tarapyndan edilýän tölegleriň ähli görnüşlerini kämilleşdirmek, halkara tejribesine esaslanyp tölegleriň dürli görnüşlerini ornaşdyrmak, bank müşderileriniň bank kartlaryndan internet üsti bilen tölegleri amala aşyrmak mümkinçiliklerini giňeltmek, maliýe amallarynda we ulanyjylary anyklaýan ulgamlarda blokçeýn tehnologiýalaryny ulanmak, bankyň sanly ulgam bilen baglanyşykly ähli ulgamlarynda kiberhowpsuzlyk bilen bagly işleri yzygiderli alyp barmak, karz edaralarynyň monitoring merkezlerini kämilleşdirmek boýunça çäreler durmuşa geçiriler, sanly bank hyzmatlarynyň ornaşdyrylmagy giňden dowam etdiriler.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan iri maglumat geçiriş ulgamyna eýe bolmak bilen ýurdumyzda pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň gerimini giňeltmek hem-de halkara tejribesiniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak boýunça giň

gerimli işler amala aşyrylýar.

Bu işleriň netijesinde ýurdumyzda bank kartlarynyň, ornaşdyrylan terminallaryň, bankomatlaryň sany, «Internet-bank» we «Mobile-bank» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi ýylsaýyn artýar. Häzirki wagtda «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlarynyň üsti bilen, ykjam aragatnaşyk hyzmatlar üçin tölegi, karzyň esasy bergisini we oňa hasaplanan göterimleri tölemek hem-de kart hasabynyň hereketini görmek ýaly hyzmatlar hödürlenilýär. Şeýle hem, yzygiderli gaýtalanýan tölegleri awtomatlaşdyrmak üçin ýörite mümkinçilik döredilen. Her bir raýat degişli karz edarasyna baryp şahsy bank hasabyny «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlaryna birikdirmek arkaly bu hyzmatlaryň amatlyklaryndan peýdalanyp bilýär.

Milli bank ulgamyndaky durmuşa geçirilýän iri möçberli çäreleriň çäklerinde töleg ulgamynda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Häzirki wagtda nagt däl hasaplaşyk ulgamynda innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, bankomatlaryň, töleg terminallaryň sanyny artdyrmak esasynda milli ykdysadyýetimizde pul serişdeleriň dolanyşygyny çaltlandyrmak, nagt däl hasaplaşyklary has-da ösdürmek maksat edinilýär.

Türkmenistanda kartly töleg ulgamyny özgertmekde düýpli işler durmuşa geçirilýär, bu ulgamda täze hyzmatlardan peýdalanmaga ähli mümkinçilikler döredilýär. Ykdysadyýetiň möhüm bölegi bolup çykyş edýän milli töleg ulgamynyň halkara töleg ulgamlaryna işjeň goşulyşmagy netijesinde töleg amallarynyň sany düýpli artýar. Ýurdumyzda sanly tehnologiýalaryň ösmegi, pul dolanyşygynda serişdeleriniň aýlanyş tizliginiň ýokarlanmagy hem-de hasaplaşyklary geçirmekde çykdajylaryň azalmagy tölegleriň we hasaplaşyklaryň usullarynyň kämilleşdirilmegine mümkinçilik berýär. Bazar gatnaşyklarynda karz edaralary tarapyndan müşderilere hödürlenilýän hasaplaşyklar boýunça bank hyzmatlarynyň ähmiýeti uludyr. Ilata edilen tölegli hyzmatlaryň umumy möçberinde hukuk häsiýetli we karz edaralarynyň hyzmatlary 2020-nji ýylda 2,5 mlrd manada, 2021-nji ýylda bolsa 2,8 mlrd manada çenli artdy. Bu bolsa karz edaralarynyň hyzmatlardan gelýän girdejileriniň durnukly artýandygyny görkezýär.

Soňky ýyllarda Türkmenistan döwletimiziň abraýly halkara maliýe guramalary we dünýäniň öňdebaryjy banklary bilen hoşniýetli hyzmatdaşlygyny ýola goýmak, ýurdumyzyň eksport-import gatnaşyklaryny halkara tejribesine esaslanyp has-da kämilleşdirmek, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek babatynda iri, halkara ähmiýetli taslamalary amala aşyrmak, ýurdumyzyň maliýe, bank ulgamynyň işine ösen maliýe tehnologiýalaryny ornaşdyrmak arkaly internet torunyň üsti bilen maliýe, ätiýaçlandyryş, salgyt, pensiýa we bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak we bu ugurda hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmek, banklaryň alýan jemi girdejilerini artdyrmak boýunça giň möçberli çäreler durmuşa geçirilýär. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 151-nji maddasynda «Bankyň jemi girdejisi bank amallaryndan gelen girdejileriň we şu Bitewi kanunyň 149-njy we 150-nji maddalarynda göz öňünde tutulan girdejileriň jemi hökmünde kesgitlenýär» diýip beýan edilýär.

Salgyt özüniň asyl manysynda kärhanalaryň, guramalaryň we şahsy adamlaryň girdejilerinden döwletiň çykdajylaryny maliýe taýdan üpjün etmek maksady bilen alynýan hökmany tölegdir. Salgytlar hemişelik hereketde bolan ykdysadyýete täsir etmegiň çeýe guraly bolup durýar. Olar işiň belli bir görnüşlerini höweslendirmäge ýa-da çäklendirmäge ykdysadyýetiň pudaklaryny ösdürmäge ugrukdyrmaga, telekeçileriň ykdysady taýdan işjeňli-

gine täsir etmäge, tölege ukyplylyk babatda islegi hem-de teklibi sazlaşdyrmaga, pullaryň dolanyşykdaky sanyny düzgünleşdirmäge kömek edýär.

Salgytlaryň hökmanylygy kanun arkaly bellenilen tertipde girdejileri alýan kanuna laýyklykda salgyt töleýjiler diýlip ykrar edilen taraplar hökmany tertipde döwleti dolandyrmaklyga gatnaşyp, döwletiň harajatlarynyň üstüni dolmak üçin töleýän salgytlary bilen esaslandyrylýar. Döwlet bolsa jemgyýetde salgytlardan gelýän girdejileri gaýtadan paýlamaklygyň üsti bilen öz wezipelerini ýerine ýetirýär.

Türkmenistanyň salgyt edaralarynyň esasy wezipeleri we borçlary Türkmenistanda hereket edýän salgyt kanunçylyklarynyň berjaý edilişine, salgytlar we beýleki hökmany tölegler boýunça maliýe serişdeleriniň Döwlet býujetine öz wagtynda barmagyna gözegçilik etmekden ybarat bolup durýar. Salgyt edaralary salgyt hasabynda duran eýeçiligiň görnüşine garamazdan edaralarda, guramalarda, kärhanalarda, hususy telekeçilerde salgytlar boýunça hasaplaşyk resminamalarynyň dogry ýöredilişine, salgytlaryň dogry hasaplanylyşyna, doly hem-de öz wagtynda tölenilişine resmi barlaglar geçirýär. Salgyt kanunçylygynyň düzgünleri bozulyp, nädogrulyklar ýüze çykan ýagdaýynda, Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyklara laýyklykda maliýe we edara ediş jerimelerini ulanýar. Salgyt tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmedik taraplar üçin olara salgytlary töletdirmek üçin bank edarasyna akseptsiz töleg talapnamasyny bermek, bank edarasyndaky hasaplar boýunça amallary togtatmak, salgyt töleýjä (salgyt ýumuşçysyna) degişli pul möçberini salgyt tölemegiň hasabyna üçünji tarapdan tutup almak ýaly çäreleri bank edaralarynyň kömegi bilen amala aşyrýar. Şuňa laýyklykda hem, ýurdumyzyň bank-salgyt ulgamynyň gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklygyň usullary kämilleşdirilýär.

Türkmenistanyň bank-salgyt ulgamynyň esasynyň mizemezligi hem-de ýurduň býujet, maliýe, salgyt we bank ulgamlarynyň öňdebaryjy dünýä tejribesi esasynda kämilleşdirilip, täzeçe usullarda işlemegi, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň düýpgöter özgermegi, hususy telekeçiligiň ynamly ösmegi hem-de daşary ýurt maýa goýumlarynyň has köpelmegi, ykdysadyýetiň innowasion senagatlaşmasynyň üpjün edilmegi, pudaklaryň döwrüň talabyna laýyklykda döwrebaplaşdyrylmagy we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagy üçin amatly şertler döredýär. Bu hem, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz diýarymyzda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde bank-salgyt ulgamynyň kämilleşýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

**Söhbet WEKILOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň «Maliýe» kafedrasynyň uly mugallymy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANKLARDA INNOWASION TEHNOLOGIÝALARY ORNAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI

Häzirki döwürde bank ulgamynyň ösüşine örän uly orun berilýär. Ýurdumyzda bank ulgamyny düýpli özgertmek, şeýle hem milli puluň durnuklylygyny üpjün etmek bu ulgamyň esasy wezipeleridir. Döwlet ähmiýetli taslamalary ýerine ýetirmek we göz öňünde tutulan maksatnamalaryň ählisini durmuşa geçirmek üçin, ýurdumyzda banklaryň ýerine ýetirýän amallarynyň sanyny artdyrmak we olaryň hilini ýokarlandyrmak örän wajypdyr. Bank amallarynyň kämilleşdirilişi ýurduň ösüşini täze basgançaklara çykarmaga uly itergi berýär.

Häzirki döwürde innowasion ykdysadyýeti kemala getirmek meselesi ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak babatyndan döwletleriň ählisiniň diýen ýaly amala aşyrýan senagat syýasatynda milli innowasion ulgamyny ösdürmäge uly üns berilýändigini aýratyn nygtalmagy bilen: «Biziň döwletimiz üçin kuwwatly innowasion öňe gidişligi gazanmak syýasaty aýratyn özüne çekijidir» diýlip bellenýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini innowasion esasda ösdürmek wezipesi döwlet innowasion syýasatynyň durmuşa geçirilmegi esasynda amala aşyrylýar. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynda» innowasion tehnologiýalara esaslanýan ykdysady ösüşe uly ähmiýet berilýär.

Döwlet syýasatynyň esasy ýörelgeleri innowasion işjeňligiň ösüşiniň bazar mehanizmlerinden peýdalanyp, ýurduň ykdysadyýetini innowasion ösüş ýoluna gönükdirmek, ýurduň ylmy-tehniki mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak, tehnologiýalaryndan giňden peýdalanmak, ykdysadyýetiň ylym we bilim ulgamyny kämilleşdirmek we bu ulgamlarda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek esasynda halkara standartlarynyň derejesinde ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagy ýola goýmak, şeýle hem innowasion işi döwlet tarapyndan goldamagyň görnüşlerini we usullaryny kämilleşdirmek bolup durýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň diwersifisirlenen, bäsdeşlige ukyply, innowasion ösüşini üpjün etmek we dünýä ykdysady giňişligine goşulmak üçin maliýe ulgamynyň esasy bölegi bolup durýan banklaryň durnukly işlemegi wajypdyr. Şoňa görä-de, ykdysadyýetiň ygtybarly maliýe ulgamyny döretmek döwlet syýasatynda möhüm orna eýedir.

Ýurdumyzda banklaryň maliýe araçylyk derejesiniň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagyna, Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bank ulgamynyň tutýan ornunyň, bank işiniň netijeliliginiň, howpsuzlygynyň we ygtybarlylygynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen çäreleriň toplumy yzygiderli amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, milli manadyň hümmetini ýokarlandyrmak, bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hil taýdan täze, has ýokary derejä ýetirmek, dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, pul serişdeleriniň kadaly dolanşygyny üpjün etmek, ilatyň peýdalanmaýan pul serişdelerini önümçilikde maýa goýumlar hökmünde ulanmak üçin ony ýurdumyzyň maliýe dolanşygyna çekmek boýunça işler dowam etdirilýär. Şonuň bilen birlikde, banklaryň karz bermek işi hem kämilleşdirilýär.

Innowasion ykdysadyýeti ösdürmegiň daşary ýurt tejribesini öwrenmek, bu tejribäniň amatly mümkinçiliklerini ýurdumyzyň durmuş-ykdysady şertlerinde ulanmak hem häzirki döwrüň gaýragoýulmasyz möhüm meseleleriň biri bolup durýar.

Bank ulgamynyň häzirki zaman ösüşini bank önümleriň ulgamyna, dolandyrylyşa we müşderilere hyzmat etmek ulgamyna innowasiýalaryň (innowasion tehnologiýalaryň) işlenilip, girizilýän tapgyry hökmünde häsiýetlendirmek bolar. Hususan-da, karz edaralary täzelikleriň girizilmeginiň wajyplygyna göz ýetirip «innowasiýalar» ýa-da «innowasion tehnologiýalar» diýlip, atlandyrylýan ylmy-tehniki ösüşiň iň täze gazananlaryny hyzmatlar ulgamyna girizmek üçin ýardam berýän ykdysadyýetiň we dolandyryşyň mehanizmlerini döretmegiň ýollaryny saýlap alýarlar. Başgaça aýdylanda dünýä ykdysadyýetiň globallaşmagy bitewi maliýe bazarynyň we hususan-da, täjirçilik banklaryň ösüşini düýpli özgerdip, olary innowasiýalara tarap ugrukdyrdy.

Häzirki zaman ykdysady ylmynda innowasiýalar düşünjesi bazarda ornaşdyrlyp, tejribede we durmuş hyzmatlarynyň täze usullarynda ulanylýan täze, has kämilleşdirilen önümde tehnologik prosesinde öz beýanyny tapan innowasion işiň ahyrky netijesi diýlip düşündirilýär.

Bank innowasiýalaryna mahsus bolan wajyp häsiýetleri bellemek bolar, progressiwlik, täjirçilik esasda ýerleşdirmek, wagt harajatlarynyň kemelmegi, bazaryň aktual isleglerini kanagatlandyrmak we sarp edijileriň giň gerimine elýeterli bolmak. Emma, şu günki günde maliýe bazarynyň bir bölegi bolup duran we innowasiýalara tarap ugrukdyrylan bank işjeňliginde gös-göni innowasiýalardan daşary olara laýyk gelýän innowasion gurşawyny hem döretmek zerur bolup durýar, bu bolsa ýurduň bank ulgamynyň çaltlandyrylan ösüşini üpjün edýär  we dünýä maliýe ulgamyna netijeli birleşmäge ýardam berýär.

Işewürlik innowasiýalary dolandyrmak çygyryndaky döwrelaýyk gözlegleri häzirki zaman täjirçilik banklaryň köpüsinde dolandyryşyň strategiki ösüşe däl-de, gündelik, amallar meseleleriň çözülmegine ugrukdyrylandygyny görkezýär. Innowasion prosesleriň ösüşine karz edaralaryň bank işgärleriniň adaty (konserwatiw) esaslara daýanýan iş gurnalyşy uly täsir edýär. Häzirki zaman gözlegleriň seljermesi täjirçilik banklarynda innowasion prosesiniň netijeli dolandyrmasynyň aşakda görkezilen tapgyrlaryny açyp görkezýär:

- bankyň işjeňliginde gerek bolan üýtgeşmeleri kesgitlemek  üçin onuň içki we daşky gurşawyna syn etmek;
- umumy maksada ýetmek boýunça köpçülikleýin hereketiň ulgamy hökmünde taýýarlanan strategiýa we üýtgeşmeleriň maksatnamasy;
- işgärleriň innowasion işjeňligini goldamak.

Bank ulgamynyň innowasiýa  çygrynda geçirilen nazaryýet gözlegleri öňde- baryjy täjirçilik banklaryň ösüşiniň  käbir  meýillerini ýüze çykarýar. Häzirki wagtda bank ulgamynyň innowasion ösüş ýoly innowasion usulyndaky strategiki dolandyrmanyň täze çemeleşmelerinde jemlenýär hem-de banklaryň aglabasynyň hödürleýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmegiň hasabyna ýa-da adaty bolmadyk amallary ösdürmegiň hasabyna (maslahat bermek, trast, lizing, ätiýaçlandyrma we ş.m.) kem-kemden maliýe araçy düzümlere öwrülmeklerinde jemlenýär. Bank gurşawyna innowasiýalary ornaşdyrmagyň ýokarda bellenen aýratynlyklaryny jemläp aýdanymyzda aýratyn nygtamaly zat, ol hem innowasion mümkinçilikleriň hemişe ösdürilmegi, bank işjeňligine täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bank ulgamynyň uzak möhletli ösüşini üpjün etmäge mümkinçiligini berýär.

Ýurtda ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň öňde goýýan strategiki wezipelerini üstünlikli

amala aşyrmakda bank ulgamy möhüm orny eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurtda alnyp barylýan pul-karz syýasatynyň çäklerinde onuň degişli gurallaryny sazlaşykly ulanmak arkaly ykdysadyýetiň depginli ösüşi we makroykdysady deňeçerligi üpjün edilýär.

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek ugrunda diwersifikasiýalaşdyrylan, bäsdeşlige ukyply, innowasion ösüşini üpjün etmek üçin maliýe we bank ulgamlarynyň durnukly bolmagyny gazanmak wajyp bolup durýar.

Kabul edilen maksatnamalarda döwrebap programma üpjünçiliklerini, serwer we kompýuter enjamlary bilen üpjünçiligi yzygiderli kämilleşdirmek üçin bu ugurda daşary ýurtly kompaniýalar bilen bir hatarda ýerli programma önümlerini taýýarlaýjylar bilen degişli işleri ýola goýmaklygy göz öňünde tutulýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň karz edaralary iri maglumat geçiriş ulgamyna eýedir. Ähli pudaklary we sebitleri sanly ykdysadyýete geçirmekde banklar tarapyndan nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň gerimini artdyrmak ugrunda degişli çäreler toplumy amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, töleg gurallaryň kämilleşdirilmegi dürli görnüşli hyzmatlaryň tölegleri bank kartlarynyň üsti bilen geçirmäge, hasaplaşyk dolanyşygyny tizleşdirmäge, ýagny töleg iberijiniň bankyndan tölegi kabul edijiniň bankyna geçirmek üçin sarp edilýän wagty gysgaltmaga, hasaplaşyk hasabynda wagtlaýyn dörän hereketsiz serişdäni netijeli peýdalanmaga ýardam berýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny mynasyp durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimiziň binýady has-da kuwwatlanýar, milli bank ulgamymyzyň işi barha kämilleşýär. Bize şeýle ajap zamanany gurup beren türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň janlary sag, başlary dik, tutýan tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

**Sähra BAÝLYÝEWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň mugallymy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2023-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 сентября 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 сентября 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 сентября 2023 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



№8
2023
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана

## 2023-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

### Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 сентября 2023 г.




## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

### Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi(mln manatda)

### Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

### Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

### Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предостввленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




